AŞYROW OSMAN
AŞYRMUHAMMEDOWIÇ.

# ESGER ÖLMEÝÄR...

*Goşgular ýygyndysy*

Aşgabat – 2019

## ESGER ÖLMEÝÄR...

Mahal-mahal demir kaskamy geýip,
Gidýän hyýalymda geçmişe sary.
Russiýa, Germaniýa, Ýewropaň ýüzi,
Aýaza basyrlan zeminiň gary.

Ellerde awtomat gözlerde gazap,
Ol güni bolşy deý bolmaýar ýazyp.

Teninde gaýnaýar watanyň ary,
Ar almak hyjuwy eredýär gary.

Her gezek elimi çoýamda oda,
Gardaky esgerler düşýär şo bada.

Şol pursat polatdan kaskamy geýip,
Urşuň gujagyna gidýärin gaýyp.

Gürleýär gaýratly Ýuriý Lewitan,
Gürleýär Moskwa, gürleýär watan.

Ol ses faşistleriň aňyny alýar,
Ganymlaň damagny pyçaksyz çalýar.

Her gezek ýeňişi baýram eýlämde,
Ok-däriniň sesi gelýär beýlämden.

Göýä watan üçin baş goýan ärler,
Gapdalymdan maňa seredip durlar.

Gözlerinde uçgun, ellerde baýdak,
Olar ýeňiş bilen gelipdir gaýdyp.
Berlinde dikilen gyrmyzy baýdak,
Seni ýürekdäki muzeýde goýduk.

Uruşdan dolanyp gelen atalar,
Hem ýat ýurtda başyn goýan atalar.

Ojagy mert durup goran eneler,
Duşmana o:t bolup daran eneler.
Sizi ömürbaky unutmaz taryh,
Unutmaz şu  gün hem geljek seneler.

Her gezek ýeňişi baýram eýlämde,
Şol giden gerçekler gaýdyp gelýärler.
Öz ömrüni watanyna bagyşlap,
Esgerler ölmeýär şehit bolýarlar...

## ÝEŇEN BARMY URUŞDA...

Gapak döşli balasyndan aýrylyp,
Körpe, ini, agasyndan aýrylyp,
Göz guwanjy çagasyndan aýrylyp,
Ýeňen barmy, ýeňen barmy uruşda.

Düňledip, eňredip sähra-düzleri,
Agladyp bahary, gyşy, güýzleri,
Ýitirip ençeme gara gözleri,
Ýeňen barmy, ýeňen barmy uruşda.

Gaharyň-gazabyň pidasy bolup,
Gursaga bitmejek ýarany salyp,
Adam adamynyň ganyna galyp,
Ýeňen barmy, ýeňen barmy uruşda.

Duşmanyň merkini berenem bolsak,
Ganymyň läşini serenem bolsak,
Howwa, kyrk bäşde biz ýeňenem bolsak,
Ýeňen barmy, ýeňen barmy uruşda.

Şahyr Osman aýdar, ýazar ýene-de,
Aýdan sözi galmaz, siňmez ýere-de,
Ykbal bize sowal berse ýene-de,
Jogap beriň ýeňen barmy uruşda.

# BAKYLYK ODY ÝADYGÄRLIGINIŇ ÖŇÜNDE

Şol aýylganç güni ýatladym ýene,
Taryhda dowzaha deňelen sene.
Gara bulut bolup duşman güllesi,
Mukaddes topraga çümen pillesi.
Şol ýylçyr oklara gerilen döşler,
Eziz watan üçin goýulan başlar,
Ýurdum, ýurdum diýip serilen läşler,
Enäniň gözünden akan gözýaşlar.
Men hökman gelerin diýilen sözler,
Aglamakdan gurap kör bolan gözler.
Henizem ogluna garaşýar ene,
Taryhda dowzaha deňelen sene.
Alyslarda ini, uzakda aga,
Açlykdan dodagy gögeren çaga.
Görülmedi çagalygyň hözüri,
Uruş saýgaranok ýetim-ýesiri.
Çagalar gazaply seredýär saňa,
Taryhda dowzaha deňelen sene.

Baýdak boý, ak ýüzli sona gelinler,
Magşugna garaşýan maral, jerenler.
Umyt bilen bakýan garaja gözler,
Allam gorawersin diýilen sözler.
Ýatsam tursam gulagymda ýaňlanýar,
Ýatsam-tursam göz öňümde aýlanýar,
Aglamakdan ýaňa kör bolan gözler.

Bu zatlary undup bilmen ahyryn,
Menem siziň perzendiňiz ahyryn.

Otyryn men öçmez oduň başynda,
Geçen geçmişime seredip siňe,
Gözlerime ýalyn bolup görünýär,
Taryhda dowzaha deňelen sene.

Oturdym şol ýerde mertlere garap,
Ýanan duýgularym bolýança ahyr.
Owaz geldi gursagymyň töründen,
Oturmak gadagan mertleň öňünde,
Derrew tur ýeriňden bihepbe şahyr.

## ÝER ŞARYNY GORALYŇ

Şu ýaşyl baglaryň hatyrasyna,
Dumanly daglaryň hatyrasyna,
Ýagýan ak garlaryň hatyrasyna,
Ýer şary goralyň eziz adamlar!

Gözler gamgyn halda garamaz ýaly,
Buýsançly ýürekler eremez ýaly,
Adolf Gitlerler döremez ýaly,
Ýer şary goralyň eziz adamlar.

Üçünji dünýä ýa watanyň urşy,
Dünýäni ýok etjek atomyň urşy,
Hiç wagt bolmaz ýaly adamyň urşy,
Ýer şary goralyň eziz adamlar.

Akyl-paýhas, şirin dilimiz bilen,
Alma, erik, enar, gülümiz bilen,
Ýarag däl-de orak, pilimiz bilen,
Ýer şary goralyň eziz adamlar.

Günler bagt bilen düzüler ýaly,
Dünýäde arkaýyn geziler ýaly,
Her gün ajap setir ýazylar ýaly,
Ýer şary goralyň eziz adamlar.

***

Bütin dünýä ýeňiş toýun toýlaýar,
Ýetmiş üç ýyl ozal synaga düşüp,
Çaýkalan dünýäniň päk nesilleri,
Bu gün ýeňiş toýun baýram eýleýär.
Bu ýeňiş gan bilen ýetilen ýeňiş,
Bir gysym topragy gözüne sürtüp,
Berilen jan bilen ýetilen ýeňiş.
Alysda döş gerýan merdanlar üçin,
Gijesini gündiz bilen çalyşyp.
Ýalazy meýdanda toprak dyrmalap,
Gynalan jan bilen ýetilen ýeňiş.
Taňrym görkezmesin beýle uruşy,
Taňrym görkezmesin beýle ýeňişi.

## WATANYM

Bu gün seýle çykdym ýyly goýnuňa,
Syn etdim guşlaryň gurýan oýnuna,
Gözleriňden öpüp seniň boýnuňa,
Hatar-hatar gyzyl güller dakanym,
Eziz diýar Türkmenistan watanym.

Gözüm ýumup sordum seniň ysyňy,
Getirdi şemallar gülüň ysyny,
Her daban ýeriňe goşup sesimi,
Goşgy setirinden heýkel dikenim,
Eziz diýar Türkmenistan watanym.

Watan gökden inen uçmah ekeni,
Däri-derman her bir güli tikeni,
Al-ýaşyl öwsüp dur eken ekini,
Şu topraga güller bolup bitenim,
Eziz diýar Türkmenistan watanym.

Süýji arzuw bilen ýetilýär daňa,
Herkimde umyt bar ertirki güne,
Öňe eziz diýar gidiber öňe,
Sende setirlerme kuwwat tapanym,
Eziz diýar Türkmenistan watanym.

Bu zaman asyryň altyn zamany,
Arzuwlaryň wysal bolýan zamany,
Geçenleriň arzuw eden zamany,
Bu gün seň goýnuňda hasyl watanym,
Eziz diýar Türkmenistan watanym.

## WATAN

Guş kibi açyp golumy,
Synladym sagy-soluňy,
Duýdum seniň ahwalyňy,
Dideleřňe bakyp watan.

Halal iýdik, düwünmedik,
Haram geýip bezenmedik,
Howwa, seni gazanmadyk,
Göge garap ýatyp watan.

Ýazyň söýüp ýaşadym men,
Gyşda kä-te gagşadym men,
Topragyňdan ogşadym men,
Dyzlaryma çöküp watan.

Sagbollaşyp durmuş bilen,
Şem deý tamam bolýança dem,
Joşup-joşup ýazaryn men,
Derýa kibi akyp watan.

## WATANÇY ÝIGITLER

Edenli siz, gaýratly siz ýigitler,
Size il guwanýar, watan guwanýar.
Siziň batyrlygňyz, mertligňiz bilen,
Ata-watan, ene-toprak dem alýar.

Görogly siz, haýhatly siz ýigitler,
Ak atly siz, gyr atly siz ýigitler.
Ädiminde daglar lerzana gelen,
Ozal Hakdan halatly siz ýigitler.

Siz watanyň ogly, watan perzendi,
Watan size uýýar, size ynanýar.
Uçgun çykyp duran didelerňizde,
Ýagty umyt, ýagty geljek görünýär.

Şir ogly siz, ýyldyrym siz, böri siz,
Duşman üçin gyzyl o:t siz, däri siz.
Mähriban ýurdumyň toý-baýramynda,
Göwnaçyk siz, edil çaga ýaly siz.

Gül ülkämiň watan goragçylary,
Ilim-günüm sizi arşa götersin.
Ýerde watan, gökde beýik Biribar,
Hak sizi, halk sizi arşa götersin.

## IÇERI IŞLERIŇ WETERANLARY

Uly kiçilere deň gözde bakan,
Watanyň ýüküni egninde çeken,
Kanun basgançagny külterläp çykan,
Içeri işleriň weteranlary.

Misli Femidäniň[1] terezisi deý,
Adalat tuguny tutduňyz epeý,
Siziň ýoluňyzda azaşarsmy heý,
Içeri işleriň weteranlary.

Işlediňiz a:rman gijäni, daňy,
Däne deýin saýlap ýalany-çyny,
Göterip ýürekde iň uly çini,
Içeri işleriň weteranlary.

Bize ýol görkezji daň şapagmyz siz,
Adymyz, abraýmyz, mertebämiz siz,
Şu günki, geljekki halypamyz siz,
Içeri işleriň weteranlary.

Her ädimde watan diýip gezeris,
Sözüňizi gursagmyza guýarys,
Ýykylsagam ýene size uýarys,
Içeri işleriň weteranlary.

---

1. Femide - Grek mifologiýasynda “Adalatlylygyň hudaýy”.

## ENE DILIM

Eje sözün ene dilde sözledim,
Kaka sözün ene dilde sözledim,
Öz dilimden hiç utanyp gezmedim,
Şirin zyban ene dilim ýaşasyn.

Ene dilde watan diýip gürledim,
Ýurdum jennet mekan diýip gürledim,
Oguz, Gorkut atam diýip gürledim,
Şirin zyban ene dilim ýaşasyn.

Umman deý sähramyň belent-pesi hem,
Öwüsýän şemalyň mahmal sesi hem,
Bäbejikleň "iňňä-iňňä" sesi hem,
Öz dilimde ene dilde ýaňlansyn.

Ene dilim otuz harpda jemlenen,
"A"-dan başlap "Z" harpynda soňlanan,
Ýer şarynda aýdym bolup ýaňlanan,
Şirin zyban türkmen dilim ýaşasyn.

## WATAN

Watan, aýym günüm ýagty ýyldyzym,
Gara gözlem mydam saňa garady.
Uka gidenimde sähra çöllerde,
Mele toprak gujagynda üwredi.

Watan, bahar-ýazym, älemgoşarym,
Sordum doýup bilmän seniň ysyňy.
Gezdim paý-pyýada ýyly goýnuňda,
Gözlerime sürtüp belent-pesiňi.

Watan, beýik mekdep, ägirt institut,
Biz hem seniň ömürbaky talybyň.
Sowuk-yssy, gije-gündiz parhy ýok,
Bitirmäge taýyn seniň talabyň.

Watan, dünýä geldim ak gujagyňda,
Aklyk bilen ulus-ile garyldym.
Türkmen diýen ady bagryma basyp,
Ak daňlaryň şapagyna garyldym,
Tümlügiň çaň basan bagryny kesip.

## TÜRKMENISTAN ROWAÇLYGYŇ WATANY

Asyr gelýär, asyrlardan görk alyp,
Döwür gelýär, döwranlardan erk alyp,
Bahar gelýär, güller bilen burk urup.
Älemgoşar bolup bezäp jahany,
Türkmenistan rowaçlygyň watany.

Munda Oguz hanyň dowamy ýatyr,
Aşyk-aýdyň piriň owazy ýatyr,
Beýik Magtymgulyň kelamy ýatyr.
Uzak geçmiş bilen döwran tapany,
Türkmenistan rowaçlygyň watany.

Göroglynyň polat galkany ýaly,
Mydam berkdir türkmen halkynyň ýoly,
Jeýhun, Bahry-Hazar tolkuny ýaly.
Joşup täze sepgitlere ýeteni,
Türkmenistan rowaçlygyň watany.

Aýdyňlyk bar atýan ýagty daňynda,
Jebislik bar halkyň her bir deminde,
Berkerar döwletiň bagtly gününde.
Arkadag pähminden döwlet tapany,
Türkmenistan rowaçlygyň watany.

## BAHAR PASLY GAÝNAP JOŞÝAR

Ol gadymy oguzlaryň halal supra saçagynda,
Giň jahana mähir berýän nurly günüň seçeginde,
Başy belent howalaly Köpetdagyň gujagynda,
Aýdym sazyň owazasy derýa kimin dolup daşýar,
Bu gün eziz diýarymda bahar pasly gaýnap joşýar.

Ýaşyl geýen sähralarym seret mahmal haly ýaly,
Dikilen ak gara öýler misli halyň göli ýaly,
Uzap ýatan ak ýollarym göýä düýäň çaly ýaly,
Türkmen ilim her bir işe aklyk bilen gadam goşýar,
Bu gün eziz diýarymda bahar pasly gaýnap joşýar.

Gök ýüzünde sallanyp dur älemgoşaryň zerleri,
Gözel gyzy ýada salýar sähranyň gülgün gülleri,
Çal sazanda sazyň bilen haýran edip sag-sollary,
Çünki şahandaz halkyma saz bilen söhbet ýaraşýar,
Bu gün eziz diýarymda bahar pasly gaýnap joşýar.

## ROWAÇ TAPAN ŞÄHERIM

Gujagyňda şirin mukam çalynýar,
Aýna dek ýoluňda asman görünýär,
Bu gün saňa alyslardan gelinýär,
Gül zamanda rowaç tapan şäherim.

Şugla saçýar ak binalaň ýagtysy,
Aýdyňlykdan gözbaş alýar ertesi,
Mydam ýaňlanyp dur çaga gülküsi,
Gül zamanda rowaç tapan şäherim.

Göýä ýer şarynyň merjen galasy,
Seniň jemalyňda hemmäň höwesi,
Goýnuňda elmydam ýazyň howasy,
Gül zamanda rowaç tapan şäherim.

Taryp etmän geçip bolmaz deňiňden,
Gözel goşgy çykýar şahyr elinden,
Arkadagyň saýasynda gün-günden,
Rowaçlanyp rowaç tapan şäherim.

## ÝAŞ ŞAHYRLARA ÝÜZLENME

Gurbannazar, Berdinazar, Halyl, Kerim geçip gitdi,
Poeziýada görülmedik bir materik açyp gitdi,
Materigiň gujagynda ýagty yoda çekip gitdi,
Indi bu gün şol ýodadan ýöremeli şägirtler siz.

Adamzady haýran eden Hytaý diwary çekildi,
Yşk derdine ýanyp-köýüp ägirt wulkanlar atyldy,
Täçmahaly bina edip dünýä aý bolup bakyldy,
Şygrystanda Eýfel bolup döremeli şägirtler siz.

Poeziýany goramaly özüňizi oda atyp,
Ýalanlaryň külün sowrup, hakykata dogry bakyp,
Gerek bolsa gursagňyzy ýanyp gelýän oka tutup,
Aleksandr Puşkin deýin jan bermeli şägirtler siz.

## OBAM

Seň waspyňy az ýetirdim,
Ýazgarsaň-da ýok meň dawam.
Adyň ýürekde göterdim,
Obam, obam, eziz obam.

Ýagşysynam göterdiň sen,
Ýamanynam göterdiň sen.
Iliň şatlygna goşulyp,
Hasratynam göterdiň sen.

Dulugyma şarpyk çalyp,
Kä-te ýaman daradyň sen.
Soňra halyma gynanyp,
Ýüzüň tutup agladyň sen.

Ene şarpyk çalsa bolar,
Çünki Hakdan höküm bardyr.
Senem meniň üçin ene,
Näçe ursaň hakyň bardyr.

Obam, obam, eziz obam,
Päkligiňe gözüm ýetdi.
Seniň çalan şol şarpygyň,
Bu gün meni şahyr etdi.

## RAZY

Razy-boş geçmedi gysgajyk ömrüm,
Garaz oňa-muňa güýmendim ýördüm.
Ýolundan azaşan ýol tapsyn diýip,
Goşgym bilen ýagty ýodajyk gurdum.

Razy-iller kimin söýdüler meni,
Menem söýdüm güneş bolup ýaldyrap.
Maňlaý ýazgydyndan gaçyp bolýarmy,
Iň soňunda ýeke galdym dälliräp.

Razy-agsamadym durmuş oýnunda,
Gaýta polat kibi berkedim bardym.
Agyr günleň beýik mekdepdigini,
Ynha bu gün göýä aýna dek gördüm.

Razy-galamymy goýmadym goldan,
Ýalňyz göwnüm şygrym bilen gyşlady.
Razy-iň bolmanda ýekeje ynsan,
Meniň goşgym okap gözün ýaşlady.

*“Men bu gün säher oýanyp, çykdym lälezarlyga,*
*Depäm üste ümmülmez gümmeze gözüm düşdi.”*
Gurbannazar Ezizow

## GÖZÜM DÜŞDI

Gurbannazar halypa, bu gün saňa öýkünýän,
Sebäp sen deý şahyrly illere gözüm düşdi.
Seň söýen ýapraklarňy gül boýnuma dakynýan,
Altyn lybasyn geýen güýzlere gözüm düşdi.

Köçelerim aý-aýdyň, gün deý ýagty çyraly,
Ýollarymyň gelşigi, öz ilimiň maraly,
Şol marallaň ugrunda men hem göwni ýaraly,
Bir bakyşda aşyk eden gözlere gözüm düşdi.

Ýyldyrymyň çakyşy, ak ýagyşyň ýagyşy,
Derýaň dolup akyşy balyklaryň ýüzüşi,
Zeminiň yhlas bilen täsin nota düzüşi,
Ýaşaýyşa jan beren sazlara gözüm düşdi.

Aý astynda oturdym diňläp sesin ýer şaryň,
Köwşümi ele alyp gezdim üstünde garyň,
Daglar maňa getirdi asyrlaryň şemalyn,
Keramatly daglara, düzlere gözüm düşdi.

***

Garaňky dünýämi mähriňe çoýup,
Dogduň meniň ykbalymda gün bolup.
Ýatlamalar bilen bilimi büken,
Gam gussalar gitdi bu gün güm bolup.
Meni gynan ýalňyzlygyň mukamy,
Hana otyr töňňe ýaly sem bolup.
Ýüregimden çykýar bagtyň owazy,
Bu gün täze sena täze heň bolup.

Içgysgynç tümlügiň bagryny kesip,
Dolandy dünýäme asyryň ýazy.
Uka giden çeşmä ýene jan girip,
Geldi ykbalymyň ak guwa gazy.
Bu bagtyň tarypyn ederden entek,
Entek ejiz gelýär bagşynyň sazy,
Heniz ejiz gelýär şahyryň sözi.

Bu gün ykbalymyň gözünden ogşap,
Ýaňagyna bägül çekesim gelýär.
Näzik billerine ak ýaglyk guşap,
Boýnuna ak monjuk dakasym gelýär.
Ylymdan kosmosdan has öňe aşyp,
Aýyň çür başyna çykasym gelýär.
Älemgoşarlaryň reňkini goşup,
Asmana seň adyň çekesim gelýär.
Bir gün meni ýygnasada bu toprak,
Ine şonda gara ýeriň astyndan,
Göge garap seniň ýalňyz adyňy,
Durkum bilen synlap ýatasym gelýär.
Şu arzuwmy nesip etse pelegim,
Ömrüm boýy seni söýsem melegim.

## POEZIÝA SÜTÜNI

Poeziýanyň dünýäsinde,
Ýene-de bir sütün gurjak.
Şol sütüni binýat etmek,
Bir özüme agyr boljak.

Ol şeýle bir belent sütün,
Başy beýik göge galar.
Şol sütüniň saýasynda,
Adalatlyk höküm sürer.

Ine şony gurmak üçin,
Jar çekdirip gygyrýaryn.
Bu gün sizi poeziýanyň,
Meýdanyna çagyrýaryn.

Gel kömege halypalar,
Gel kömege Kerim şahyr.
Poeziýanyň nämedigni,
Öwredipdiň ozal ahyr.

Gel kömege Gurbannazar,
Getir gözel sonediňi.
Ýapraga ýaz çakylygy,
Çagyr Puşkin, Onegini.

Maksadyň wysal bolýança,
Arkaýyna ýatyp bolmaz.
Niliňde gülle bolmasa,
Ony çenäp atyp bolmaz.

Kömege gel Mämmetgurban,
Ähli adalatyň bilen.
Aýaga gal Ýaýlym şahyr,
Halypam menem seň bilen.

Ähli şahyr ýazyjylar,
Zynjyr ýaly birleşeliň.
Poeziýanyň gül ykbaly,
Ömri hakda gürleşeliň.

Üýşerilip gezip ýörsek,
Poeziýamyz öňe gitmez.
Magtymguly ýaly ärler,
Gabrynda-da rahat ýatmaz.
Basyldymy agyr ýola,
Mynasyp ädim ädeliň.
Çykalyň biz, ýa bolmasa,
Mertlerçe dowam edeliň.

Poeziýa bir uçar,
Biz hem ganaty.
Poeziýa bir gämi,
Biz hem küregi.
Poeziýa bir göwre,
Biz hem ýüregi.
Indi kürek bolup,
Ýüzüp bilmesek.
Indi ganat bolup
galyp bilmesek.
Indi ýürek bolup,
Urup bilmesek.
Bu uly günä!
Geçilmez günä!

***

Durmuşyň ýüküni egnime atdym,
Ömrümi ýyllara mugtuna satdym,
Şu gysga pursatda kän menzil ötdüm,
Indi ýetjek ýerme ýetdigimmikän.

Menem söýdüm, söýgi başym aýlady,
Tenim oda döndi sowuk duýmady,
Yşk derýasy boýum bilen boýlady,
Şeýdip söýgi suwna batdygymmykan.

Kän ýüzmedim söýgiň suwy gurady,
Akja gaýyk gara ýere diredi,
Ýelkenleri gün nuruna çüýredi,
Ine şeýdip dogry etdigimmikän.

Telbe bolup gezdim söýgimden dänip,
Ýüregimem barýar gursagmy ýaryp,
Eý Hudaý! Gül bagtyň üstünden gaýyp,
Baky hassa bolup galdygymmykan.

Ýalňyzlyk ýanyna alyp göterdi,
Sowuk şemallara aýdypdym derdi,
Wagt lukman eken derrew bejerdi,
Gözüň aýdyň indi geçdigimikän.

Ýekelik halymy edipdi harap,
Ýürek ýalňyzlyga durýarmy garap,
Gitdim bir gözeliň ýanyndan ýöräp,
Indi bir hak söýgä duşdygymmykan.

Bu söýgem sowaşyp gitdi günsaýyn,
Gara bulutlarda gizlendi aýym,
Ýazgytdan gaçma ýok çekmäge kaýyl,
Maňlaýym şor bolup galdygymykan.

Ýüzüm sallap geldim, söýgimi jaýlap,
Üç gün gülüp gezdim, bäş günem aglap,
Näçe gün gezmeli göwnüňi aldap,
Adam pahyr şeýdip ölmelimikän.

Ejizläp gezmedim, tutdum galamy,
Ýagşyny wasp etdim, basdym ýamany,
Uçgun berip tutaşdyrdym söneni,
Indi dogry ýola düşdigimmikän.

Mekanym ýalňyzlyk syrdaşym galam,
Bu bolşuma haýran bolandyr ilem,
Daşdan görseň menden sagatdyr dälem,
Çyndanam dälliräp ýördügimmikän.

Müň kitap okadym, müňüsi ýatyr,
Her kitap içinde bir dünýä otyr,
Şundan ylham alyp döredip setir,
Meňem indi şahyr boldugymmykan.

Şahyr ili jandan söýüp bilmeli,
Toýun toýlap ýasyn sowup bilmeli,
Hak şahyr il üçin ölüp bilmeli,
Ýa borjumy berjaý etmedimmikän.

Agyr işden çekinib-ä ýörmedim,
Başa iş düşende ilden görmedim,
Öz-özüme şahyr diýip gürledim,
Toba-toba uly gürledimmikän.

Köwşüm süýräp gezýän sähraň ýakasyn,
Kä-te çeşme bolup gelýär akasym,
Şahyr diýip, il-gün bersin bahasyn,
Ine onsoň rahat ýatarynmykam.

Halkym şahyr diýip adymy tutsa,
Goşgulam hoşboý ys gül bolup çyksa,
Ölemde il-günüm topragmy atsa,
Şeýle ägirt bagta ýeterinmikäm.

***

Meniň tüm gijede gizlenen bagtym,
Seni dünýäň müň çetinden gözledim.
Kitap ummanyna özümi urup,
Seni onuň ak gatyndan gözledim.
Bir egri hasany egnime atyp,
Syryp gitdim agyr ýoluň hapasyn.
Ýürek teşneligiň zaryny çekýär,
Dodagymam goý kepese kepesin.
Haýýamyň donuny egnime geýip,
Ahyr kakdym meýhananyň gapysyn.
Şeraply küýzäniň lebinden sorup,
Ýürek ýaryp çykdy göwün solpusyn.

Beýhuş bolan serim ýerinden göçüp,
Goşgy bilen bagt hakda sözledim.
Galam bilen açyp tümüň gapysyn,
Seni goşgyň ummanyndan gözledim.

Sypalap saçlaryn sypalap sagryn,
Çapyp gitdim Göroglynyň gyr atyn.
Ýürek perýadymy eşdendir belki,
Çapyp dälde uçup gitdi gyr atym.
Ok geçmeýän Çandybiliň bagyndan,
Dem salymda geçip gitdi gyr atym.
Polat kibi altyn nally toýnakdan,
Uçgunyny seçip gitdi gyr atym.
Ýeriň ýüreginde aý arkasynda,

Meni mežnun edip gizlenen bagtym.
Seni dünýäň gür bagyndan gözledim,
Başy bulutlaryň üstünde duran,
Gimalaýyň ak dagyndan gözledim.
Jadylanan dünýäň jadyly dagy,
Bagtym seni kap dagyndan gözledim.

Tapabilmän arzuw eden bagtymy,
Ymgyr çölde ýüzüm sallap oturdym.
Ot-ýalyn içinde geçen günleri,
Ýekän-ýekän göz öňüne getirdim.
Heýkel kibi doňup dünýäň öňünde,
Ençe çarşenbäni başdan geçirdim.

Ahyr başym sallap bagrymy daglap,
Girdim eziz topragymyň çetinden.
Gözlerime sürtüp mele gumumy,
Öpdim ýuwa-ýelmik otdur-çöpünden.
Şeýdip öpüp öpüp baryşym bilen,
Girdim ak şäheriň gyra çetinden.
Ýöredim güýç berdi ýazyň salkyny,
Buýsanç bilen synlap eziz halkymy,
Sägindim ine-de ýaldyrap otyr,
Gabadymda Aşgabadyň ýalkymy.
Eý ymarat maňa gaýdyp ber bu gün,
Gujagyňda gizläp saklan bagtyňy.
Meniň üçin aýap saklan bagtyňy,
Maňa ömür berjek baky bagtymy.

Şol ajaýyp ymaratyň içinden,
Tapdym meniň ömrüm boljak bagtymy.

Misli şamar saçly jennetiň hüýri,
Keşbini güneşiň nurundan alan,
Ak ýüzli ak ganat perileň biri.
Saňa bu gün başym egip ýüzlenýän,
Bu gün saňa goşgy bilen ýüzlenýän.
Ençe ýyllap wulkan deýin lakyrdap,
Ýanýan söýgiň yşgy bilen ýüzlenýän.
Nuruň bilen çoýup dünýäme ýagty,
Gülüm bolarsyňmy şahyryň bagty...

## MEN ŞU GÜN GOŞGY ÝAZMALY

Men şu gün goşgy ýazmaly,
Ýöne näme hakynda.
Bilmedim ýüregimem,
Niçik, haýsy akymda.

Ýada daga çykmaly,
Agras tekeler ýaly.
Ýöne bir zat ýazmaly,
Bir gün okalar ýaly.

Şu gün, şu gün ýazmaly,
Ertä goýmak bolanok.
Çünki şu gün görenňi,
Ertir görüp bolanok.

Bir zatlar ýazýan ine,
Belki-de az görerler.
Hiç birzat ýazman gitsek,
Nesiller ýazgararlar.

Otyryn gijäň ýary,
Ýürek günme goýanok.
Şu gün, şu gün ýaz diýýä,
Sebäp ertir şu gün ýok.

# ÇYKDYM BU GÜN AŞGABADYŇ GOÝNUNA...

Çykdym bu gün aşgabadyň goýnuna,
Güller boýnun burup maňa garaýar.
Güller ýaly näzik, gözel goşgular,
Meňki ýaly gözel ýurtda döreýär.

Säherde şäheriň jana girişi,
Gussa düşen göwünlere seýikdir.
Menem joşup-joşup goşgy ýazýaryn,
Bu şäherde joşman gezmek aýypdyr.

Güller, guşlar, gözel gyzlar, ýigitler,
Şäheriň görküne hasam görk goşýar.
Ýagty jahan şeýdip gaýnap joşsada,
Gijeler hem gündiz bilen bäsleşýär.

Asly sadalykdan döran şäherim,
Kim gelse-de dynman ýylgyrar durar.
Gije aý astynda juwan ýigitler,
Gözel gyz öňünde ýygrylar durar.

Aşgabadym aşyklaryň şäheri,
diýip ýöne ýere aýdylan däldir.
Alyslardan myhman gelen adamlaň,
Göwni ganatlanman gaýdylan däldir.

Çykdym menem Aşgabadyň goýnuna,
Baglar, güller, göz güldürip garaýar.
Güller ýaly näzik sada goşgular,
Meňki ýaly sada ýurtda döreýär.

## KÄRDEŞLER DIŇE HAKY SÖZLÄLIŇ...

Gelmek ýeke gezek, gitmegem şonça,
Rast geldimmi indi doňup gitmäýin.
Wulkan deýin gaýnap-gaýnap joşaýyn,
Kükürtçöp dek derrew sönüp gitmäýin.

Kagyz galam bilen gitdim çapyşyp,
Gijeler azaşyp, gündiz tapyşyp,
Şygyr şahasyndan gowşak ýapyşyp,
Geçenleň yhlasyn gömüp gitmäýin.

Şekersiz çaý ýaly mukamsyz aýdym,
Ot bolup lowlaýyn, tüsseläp doýdum,
Sil bolaýyn gara daglardan gaýdan,
Sähel damja bolup damyp gitmäýin.

Bir başa bir ölüm hemmä-de belli,
Indi aýdyňlygyň möwsümi geldi,
Ýalançy şahyrlaň goşgusy öldi,
Taňrym, men bir ýalan ýazyp gitmäýin.

Kärdeşler birleşiň! Bildiňiz gezip,
Heriň bir derýada gezmäliň ýüzüp,
Göz üçin bir giden zatlary ýazyp,
Ýalançy adyny alyp gitmäliň.

## DEGMÄŇ SIZI SÖÝENLERIŇ GÖWNÜNE

Duýgy bar, ýürek bar, jiger bar bizde,
Bäş gün syýahatlyk döwür bar bizde,
Sürer ýaly näme ömür bar bizde,
Degmäň sizi söýenleriň göwnüne.

Hany wepalylyk, hany sadalyk,
Seret ömür barýar halys azalyp,
Emma döwür gidäýmedi düzelip,
Degmäň sizi söýenleriň göwnüne.

Goý ýaşalsa söýgi bilen ýaşalsyn,
Gara gözler bagt bilen ýaşarsyn,
Ýer üstünde näçe wagt ýaşarsyň,
Degmäň sizi söýenleriň göwnüne.

Söýgi ýokmuş ýalanmyşyn diýýäler,
Sen bolmasaň senemmişin diýýäler,
Bir zat dogry, öleňden soň söýýäler,
Degmäň sizi söýenleriň göwnüne.

Size diýýän, söýgi belent kesekden,
Giç bolansoň peýda ýokdur jesetden,
Boldy şahyr, janyň ýakma beset sen,
Degmäň indi söýenleriň göwnüne.

***

Eý dünýe beýik dünýe,
Berenlerňi haklarynmy.
Abraý pyýalasy golda,
Şony dökmän saklarynmy.

Meňem seňem bahaň ilde,
Ýagşy ýaman işler dilde,
Menem ýalan-ýaşryk dälde,
Mydam haky geplärinmi.

Asman-zemin arasynda,
Ene ýeriň aýasynda,
Ýagşylygyň binasynda,
Ýeke kerpiç diklärinmi.

Hazan ýeliň howasynyň,
Ýaman sözüň ýarasynyň,
Agzalalyk belasynyň,
Geljek ýolun beklärinmi.

Göz göreçden galandan soň,
Galam golda doňandan soň,
Amanady beremden soň,
Şygrym bilen köklärinmi.

## GARA GÖZLI SÖÝENIM

Ak ýyldyzlar monjuk deý, düzülipdir asmanda,
Şol asmana garaýan duýgularym gyssanda.
Ine bu günem şeýle duýgular aldy serim,
Ýene seni ýatladym, gara gözli söýenim.

Aý astynda synladym, sähra atly ummany,
Ummanyň eteginde gördüm täsin dünýäni.
Şol dünýäň gujagyndan ýygaýyn gül çemenin,
Belki kabul edersiň, gara gözli söýenim.

Ýöräp barýan pyýada, uzap ýatyr ýodalar,
Şol ýodalaň ugrunda beripdik köp wadalar.
Ýada düşýär şol ýolda saňa söýýän diýenim,
Geçen günler gelermi, gara gözli söýenim.

Hazan ýel alyp gitse, seni söýen şahyry,
Gyýylmagyn söýgülim, bu bir durmuş ahyry.
Gelmegin mazaryma gara lybas geýinip,
Ruhum bilen söýerin, gara gözli söýenim.

## OÝANDYMMY

Öz nahalym, öz daragtym,
Özge şaha daýandymmy.
Gaflat ukusynda ýatdym,
Indiberin oýandymmy.

Adamlara bakdym gülüp,
Kinelerme urdum gulp,
Ilden artyk boljak bolup,
Ýüpek lybas sarandymmy.

Bir gözele göwün berdim,
Özümdenem öňde goýdym,
Mežnun boldum, ýanyp söýdüm,
Emma özüm söýüldimmi.

Çyn syrdaşym kagyz-galam,
Kä-te ýalňyz goýýar olam,
Goşgy ýazyp Osman senem,
Şahyr bolup gönendiňmi.

## SAKLAN EÝ GÖWNÜM SAKLAN!

Haram işe ulaşmawer,
Saklan eý göwnüm saklan.
Egrilere ýanaşmawer,
Saklan eý göwnüm saklan.

Diňlemersiň ýanaşarsyň,
Bir söz diýsem sanaşarsyň,
Dünýe giňdir azaşarsyň,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Paýhasly bol, ýaşlyk etme,
Çem geleni syrdaş tutma,
Dünýe bilen oýun etme,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Bermegin hiç golda sabry,
Gysgajykdyr ynsan ömri,
Ýetip geldi synag döwri,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Bilýän söýgä suwsadyň sen,
Bir hoş sözi küýsediň sen,
Söýüp ahyr agsadyň sen,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Söýdüm, söýdiň jahyl etdiň,
Mežnun etdiň, Tahyr etdiň,

Iň soňunda şahyr etdiň,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Söýgi bir guş uçdy göge,
Az wagtda açdy ara,
Ýüzüň asma dälsiň çaga,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Gözüm ýumup ýörär ýaly,
Saýlamandym ýeňil ýoly,
Sabyrly bol saklan häli,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Bilýän dälilik möwsümi,
Alandyr seň bar ünsüňi,
Näme bolarka muň soňy,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Goşgyňy aýt, il diňlesin,
Deň-duşlaryň gülse gülsin,
Entek kämil şahyr dälsiň,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Joşyber, çykma hanadan,
Sapak al ýagşy-danadan,
Yzda dur Magtymgulydan,
Saklan eý göwnüm saklan.

Bilýän guşsyň uçmalysyň,
Menzilleri geçmelisiň,
Ýöne aşa geçmegin sen,
Saklan eý göwnüm saklan.

Säginme öňe ýöregin,
Heýkel deý doňup durmagyn,
Galada göwün bermegin,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Galat bilen baýnamarsyň,
Uzak wagtlap aýnamarsyň,
Ýykylaňda oýlanarsyň,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Oýlan göwnüm, gama batma,
Öz-özüňi oda atma,
Il-ulusdan daşa gitme,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Ilim diýse aýa çykjak,
Aýda bägül ekip gaýtjak,
Ilden çykyp nirä gitjek,
Saklan, eý göwnüm saklan.

Ine indem tamam öwdüm,
Senem öwdüm, kä-te döwdüm,
Kine saklap gitme göwnüm,
Saklan, eý göwnüm saklan.

## ÇARWA GYZA ÝOLLAÝARYN

Säher turup hak salamy,
Çarwa gyza ýollaýaryn.
Ýüregimden şu kelamy,
Çarwa gyza ýollaýaryn.

Daň sähere höwesimi,
Ýellere goşup sesimi,
Paýtagtymyň gül ysyny,
Çarwa gyza ýollaýaryn.

Aýna ýaly göwünleri,
Şeker, nabat, nogullary,
Desse-desse bägülleri,
Çarwa gyza ýollaýaryn.

Bu gün köňle gelenini,
Ony ýazan galamymy,
Hemde harby salamymy,
Çarwa gyza ýollaýaryn.

## TUR POEZIÝA WAGT BOLDY

Bu gün saba-säher bilen,
Çogly güneş göge galdy.
Boldy, besdir ýatyp bildik,
Tur poeziýa wagt boldy.

Ýazyjylar halka gursun,
Ähli şahyr oňa gelsin,
Magtymguly pata bersin,
Tur poeziýa wagt boldy.

Berdinazar, Kerimiňi,
Gurbannazar Eziziňi,
Ýada salyp Zelilini,
Tur poeziýa wagt boldy.

Beýikleri täje çykar,
Näkesleri hije çykar,
Ýalanlary puja çykar,
Tur poeziýa wagt boldy.

Müň perdeden ok deý geçip,
Git galadyň aýbyn açyp,
Ýyldyrym deý ýagty saçyp,
Tur poeziýa wagt boldy.

Köksüz nahal ekilmesin,
Nikap bilen bakylmasyn,
Şygyr ýurdum ýykylmasyn,
Tur poeziýa wagt boldy.

Her bir günüm yzda galýar,
Wagt ok deý geçip barýar,
Osman saňa garap ýazýar,
Tur poeziýa wagt boldy.

## AÝAK SESIŇI

Sak duran sakçysy men unudylan meýdanyň,
Günbatarym garalyp tümlük boldy çarýanym.
Göýä heýkel mysaly çykaramok sesimi,
Gelseň eşdeýin diýip seniň aýak sesiňi.

Älemgoşar mysaly müň dürli öwşün bilen,
Altyn-kümüş düwmeden şelpeli köwşüň bilen.
Ýaňlandyryp ýodalaň ähli belent pesini,
Ýöräniňde söýüpdim eşdip aýak sesiňi.

Bu gün bolsa şat günler galypdy arman bolup,
Ýatlamalar meýdany saraldy saman bolup.
Bir-birden üýşürýärin samanlaň dessesini,
Ýene eşderin diýip seniň aýak sesiňi.

Ýyllar geçip meýdanda dörär meniň mazarym,
Ýeke özüm ýataryn, ýetirmerin azarym.
Bir gün gelseň gabryma alyp gül dessesini,
Mazarym gunça açar eşdip aýak sesiňi.

## TÄLEÝIM

Aklyga beslenip ak ýola düşdüm,
Orta ýolda duzak guran täleýim.
Söýginiň gyrmyzy şerabyn içdim,
Şerap dälde zäher beren täleýim.

Gül däl eken, tutdum demir tikeni,
Aýym diýip bakdym aý däl ekeni,
Zöhre däl-de ömürzaýa ekeni,
Süýji arzuw bolup galan täleýim.

Gije uzak boldy daňym atmady,
Gygyrdym owazym daşa gitmedi,
Dostum diýip gol uzatdym tutmady,
Giň dünýede ýalňyz goýan täleýim.

Ähli gussalary egnime alyp,
Jahany görjekdim asmana galyp,
Bir ýanymdan çykan ýyrtyjy bolup,
Akja ganatymy gyran täleýim.

Bu sowuk göwrede ýanar çyrag ýok,
Wadalarda wepa sözde ygrar ýok,
Töweregme seretmäge karar ýok,
Gözlerimiň nurun alan täleýim.

Durun aňzak ýele döşümi gerip,
Ýatlamada geçen günlermi görüp,
Elime ak kagyz galamy berip,
Ýalňyz şahyr edip goýan täleýim.

## BIR SÖZ DIÝ...

Bir söz diý ýüregim atygsap gitsin,
Didelerim şugla saçsyn ot bolup.
Gam laýyna çümüp barýan bedenim,
Batgalykdan uçup çyksyn ok bolup.

Bir söz diý topragyň süňňi eresin,
Garlar çeşme bolup aksyn şildiräp.
Säher çagy gündogary tarapdan,
Gülýaka deý güneş dogsun ýaldyrap.

Seniň sözüň bilen baglar gül açsyn,
Bahar dolup gelsin türkmen düzüne.
Gumrularyň, bilbilleriň owazy,
Aýdym bolup dolsun zemin ýüzüne.

Dodagyňdan çykjak ýalňyz sözüňe,
Garaşmakdan ýaňa ýarylar ýürek.
Ýene seniň sözüň bilen direler,
Bir söz diý, şol sözi isleýär ýürek.

## SÖÝÝÄN DIÝIP ALDA MENI...

Söýýän diýip alda meni söz bilen,
Bolmanda bir pursat bagtly bolaýyn.
Soňra näme boljagyny bilemok,
Aý onsaňam näme bolsam bolaýyn.

Söýýän diýip alda meni söz bilen,
Bagtdan ýaňa heýkel deýin doňaýyn.
Bagtyň owazyny bagtyň ysyny,
Bir pursatlyk, bir pursatlyk duýaýyn.

Söýýän diýip alda meni söz bilen,
Belki şol iň soňky ýaşaýşym bolar.
Toprak tutuş bedenimi gizlese,
Diňe saňa bakyp gözlerim galar.

Ýürek bir aýylganç howsala duýýar,
Bu gün bar men, belki ertir bolmaryn.
Şu gün alda, şu gün alda söz bilen,
Belki ertir çagyrsaňda gelmerin.

## GEÇMÄÝIN

Men dünýäniň uçup barýan bürgüdi,
Ganatdan aýrylyp daş deý gaçmaýyn.
Suwsuz galan balyk deýin delminip,
Bu dünýeden gözüm açyp geçmäýin.

Sähralary paý-pyýada aýlanyp,
Gezdim agyr pikirlere küýlenip,
Ýöne il-ulusdan çete saýlanyp,
Bal garylan gülgün şerap içmäýin.

Setirleri hatar-hatar düzeýin,
Ýürek näme diýse şony ýazaýyn,
Gara bagrym ýere berip gezeýin,
Ýöne garga bolup göge uçmaýyn.

Ýalan-ýaşyrykdan ara açylsyn,
Taňrym ýüregime ylham eçilsin,
Seçilse-de hak goşgular seçilsin,
Bu ömürde galat ýazyp geçmäýin.

## SENIŇ GÖZLERIŇDE ÝAŞASYM GELÝÄR

Men seniň gözlerňe gaçasym gelýär,
Gijeler sowulyp daňym atýança.
Daglaryň üstünde al şapak dogup,
San ýetmez ýyldyzlar gözden ýitýänçä.

Men seniň gözüňde ýaşasym gelýär,
Geçiresim gelýär baharym, gyşym.
Uzap ýatan ýatan gözýetmejek ýollarda,
Gyr atymy büdretmese durmuşym.

Men seniň jadyly gözlerňe bakyp,
Gözlerimi baky ýumasym gelýär.
Ýene seniň gözleriňe seredip,
Jahana ýaňadan gelesim gelýär.

Bilmeýärin näme üçin bolanok,
Gözleriňe bäş minutjyk seredip.
Eger-de tötänden seredäýsem-de,
Uçgunlary barýar meni eredip.

Eý gözel gyz seniň ala gözüňe,
Bagyşlap bir goşgy ýazasym gelýär.
Senem öýkeleme meniň sözüme,
Gözleriňde baky galasym gelýär.

***

Dünýe dogry seret maňa,
Ýüzüň sowma başga ýana,
Ot bolsaňda ýana-ýana,
Sowadyň sen, sowadyň sen.

Seň demiňden kändir ýanan,
Barysy hem küle dönen,
Garyplara ýaman-ýaman,
Daradyň sen, daradyň sen.

Duşurdyň söýen gyzyma,
Duşurdyň bahar ýazyma,
Soňra berenňi yzyna,
Soradyň sen, soradyň sen.

Gol uzatdym, golum itip,
Geçip gitdiň ýüzüň tutup,
Öz balaňy oda atyp,
Agladyň sen, agladyň sen.

Jellatmy sen näme käriň,
Ýada mende barmy aryň,
Mukam çalyp zaryn-zaryn,
Gynadyň sen, gynadyň sen.

## KÄBÄM

Nurly güneş parlap dursun, asman-zemin ýykylmasyn,
Çykylsa-da uzak ýola, seň pataňsyz çykylmasyn,
Tutulsa-da aýyň ýüzi eger-eger tutulmasyn,
Arslan balam, şirim diýip adymy tutan dilleriň.

Hasrat bilim bükeninde, batanymda gam laýyna,
Gökden inen perişde deý dolup gelipdiň ýanyma,
Dünýä ýaly göwün berdi, jan berdi köýen janyma,
Misli bahar şemaly deý, başymy sypan elleriň.

Bu gün baýram eýleýäris, käbäm elli dört ýaşyňy,
Ýalňyz takdyr egdirmesin, seniň çalaran başyňy,
Agtyk-çowluk, ogul-gyzyň, gurşasyn degre –daşyňy,
Asyrlara uzap gitsin, manyly ömür ýollaryň.

## ÝYLLARYMDA

Bir gyzykly günler galdy,
Gyzyl-elwan güller galdy,
Gözi ýaşly dilber galdy,
Geçip giden ýyllarymda.

Aladasyz döwür galdy,
Köp çekilen şöwür galdy,
Göýä tutuş ömür galdy,
Şol oglanlyk ýyllarymda.

Ak günlerim akyp otyr,
Synagyny atyp otyr,
Gül ýaşlygym bakyp otyr,
Geçip giden ýyllarymda.

Köňlümiň gyzyl alowy,
Sowallarymyň jogaby,
Şahyrlygmyň düýp sebäbi,
Geçip giden ýyllarymda.

## ÝAGYŞ ÝAGÝAR

Ýagyş ýagýar damjalary,
Geçmişimi ýada salýar.
Tüm gijede yzyn üzmän,
Ýagyş ýagýar.

Bu ýagyşda ýazyň ysy,
Söýgiň ysy kükäp gelýär.
Geçenimi ýada salyp,
Ýagyş ýagýar.

Meň söýgime ýagyş şaýat,
Bar syrymy ýagyş bilýär.
Her damjasy syrdan doly,
Ýagyş ýagýar.

Belki senem synlaýansyň,
Geçeniňi ýatlap sen ýar.
Men uzakda hemem ýalňyz,
Aramyzda ýagyş ýagýar.

## NIRDE

Ýörjen-ýörjen edip ýykylyp ýöräp,
Bilmeýän zatlarmyň adyny sorap,
Gyşda gar ýaganda aýnadan garap,
Duran çaga döwrüm nirde sen nirde.

Ýarty göwräm ýaly uly torbany,
Süýräp gezen günlerimiň gurbany,
Ol günlerden tozan galdy gum galdy,
Ýetginjek ýyllarym nirde sen nirde.

Awara şemal deý her ýoldan basan,
Däli öküzçe dek aýlanyp süsen,
Ýedi ölçäp däl-de bir ölçäp kesen,
Ýigitlik ýyllarym nirde sen nirde.

Ýeňil aňym bilim bilen bişişen,
Bir gözeli söýüp göwnüm köşeşen,
On synaga ýeke günde ýetişen,
Talyplyk ýyllarym nirde sen nirde.

Söýgim salgym bolup deňimden geçen,
Wah tutdum-tutdumda ýetdirmän uçan,
Galam bilen geçmiş gapysyn açan,
Şahyrlyk ýyllarym nirde sen nirde.

***

Günler geçip barýar hatarma-hatar,
Käbirisi ajy, käsi-de süýji.
Ýetip bilmez ol günleriň yzyndan,
Maşyn, motor ýada hiç bir at güýji.

Şonuň üçin şu gysgajyk ömürde,
Gutarmanka sanalgyja demimiz.
Howwa şum ajalyň demine düşüp,
Togtamanka galam tutýan elimiz.

Bize bir saçakda jemlenmek gerek,
Heniz ýaşyp dogup durka günümiz.
Bize bir ojakda jemlenmek gerek,
Galamdaş doganlar, galamdaş dostlar.

Hiç synmajak poeziýanyň adyny,
Elmydama şugla saçýan gün edip.
Hemde ýalan ýaşryk goşgyň baryny,
Şygrystanyň dünýäsinden güm edip.

Hem parladyp adalatyň tuguny,
Sapak edip Magtymgulyň ýoluny.
Ägirtleň ruhundan ak pata alyp,
Şu günden başlalyň aýaga galyp.

Ýalan goşgulary bölege bölüp,
Gulak ýaly edip her bir tikesin.
Diňe hak goşgudan döredeliň biz,
Şygyrýetiň ägirt galaktikasyn.

## SEN ÖWRETDIŇ

Seň özüň öwretdiň nädip ýanmagy,
Indi lowlap ýanýan sönüp bilemok.
Sen öwretdiň ganat-persiz uçmagy,
Mydam uçýan indi gonup bilemok.

Sen öwretdiň ýagmyr bolup ýagmagy,
Dynman ýagýan indi diňip bilemok.
Seniň barlygyňda ýeňýärdim mydam,
Indi bolsa käte ýeňip bilemok.

Sen öwretdiň ýürek bilen gülmegi,
Indi ýürek bilen gülüp bilemok,
Sen öwretdiň mydam bile bolmagy,
Bu gün bolsa sensiz oňup bilemok.

Ine indi başy çaşan diwana,
Asyl öz-özüme gelip bilemok.
Seniň ýoklugyňda her pursat ölýän,
Emma welin baky ölüp bilemok.

## ÝAŞA MENSIZ SAG-SALAMAT

Öten agşam girdiň düýşe,
Birmahalky ýalňyz söýgim.
Ýedi ýyldyr gerdenime,
Hopba bolup ýören gaýgym.

Gözlerime içgin bakyp,
Kä ýöreýäň, kä säginýäň.
Egniňde-de toý lybasy,
Ne gynanýaň ne begenýäň.

Ne manyly ne manysyz,
Nazar bilen bakdyň maňa.
Biraz salym sägindiňde,
Soňra gitdiň başga ýana.

Bu niçiksi ahwal boldy,
Bu nämäniň alamaty.
Ýa boýnumda galdymyka,
Bir bendäniň garamaty.

Kellämdäki şu pikirler,
Çar tarapa eňiberdi.
Maňlaýymdan buýur-buýur,
Sowuk derler damyberdi.

Menden näme hantama sen,
Şu günümem kän görýäňmi.
Ykbalyň ters gelenine,
Näme meni ýazgarýaňmy.

Menden saňa näme gerek,
Päsgel berme işlerime.
Başarsaňa şu günden soň,
Gaýdyp girme düýşlerime.

Özbaşyma ýaşaýyn men,
Özbaşyma ýazaýyn men.
Goý başgaça söýgi tapyp,
Şoň oduna ýanaýyn men.

Ýüklämok men seň boýnuňa,
Töhmet, günä ýa garamat.
Ýaşa mensiz sag-salamat,
Menem sensiz sag-salamat.

## ÝÜREGE YNAN

Ýüregiňi diňle ýürege ynan,
Ýürek gözsüz görýär, dilsiz gürleýär.
Haýyr-şeriň bulam-bujar ýumagny,
Ýürek elsiz adalatly çözleýär.

Ýüregiňi diňle, ýürege ynan,
Ýürek berer ebedilik durmuşy.
Dünýäniň çarkandak şum ýodasynda,
Saýlar durar dogry bilen ýalňyşy.

Ýüregiňi diňle, ýürege ynan,
Ýürek bilen tutgyn her işiň başyn.
Başga ýerlerden däl uzaklardan däl,
Ýürekden taparsyň pelsepe daşyn.

Ýüregiňi diňle ýürege ynan,
Ýürek bilen duýgun, ýürek bilen söý.
Durmuşda söýgüde ýanmaly bolsaň,
Kem-käsleýin däl-de, ýürek bilen köý.

Ýüregiň ýolundan çykanam bolsaň,
Henizem giç dälkä yzyňa dolan.
On iki süňňüň bilen bar ünsüň bilen,
Ýüregiňi diňle, ýürege ynan.

## SENIŇ ÜÇIN

Eý gözel gyz jemalyňa goşgy ýazýan aý astyndan,
Ýylgyrşyňy ýada salyp käte gidýärin essimden,
Ýewropany saza baglap ötüp Kaspiniň üstünden,
Bahar bilen joşup gelen mymyk ýeller seniň üçin.

Bir duýdansyz saňa duşup açyldy täze eýýamym,
Solup barýan didelermiň ýaldyraýşyny duýýamyň,
Açyp taryhyň sepini, süzüp şerabyn Haýýamyň,
Söýgi hakda goşgy ýazan şahyr eller seniň üçin.

Ine bu gün aşyk bolup açyk sähranyň gyzyna,
Sesim goşup hoş ýellere, ömrümiň bahar ýazyna,
Durkum bilen jadylanyp, Şopen, Mosartyň sazyna,
Seň adyňy aýdym eden şirin diller seniň üçin.

Bu gün pagyş-para boldy mumiýalanan ýüregim,
Aýjemalyň eýeledi synan ýüregiň deregin,
Sen isleseň bagş edeýin ýer şaryň bagyn eremin,
Durkum erkim ygtyýarym eziz dilber seniň üçin.

## GAÝBANA DOSTUM

Men seni gaýbana dostum saýladym,
Dostum diýip bagra basyp bilmedim.
Men seni gaýbana dostum saýladym,
Dostum diýip bagra basyp bilmedim.

Ýazlar ýaly joşup duran edebiň,
Meni şol edebiň bagladymyka.
Men seni öňdenem tanaýan ýaly,
Ýa duýgulam saňa baglydymyka.

Indi gije gündiz diýen edenok,
Taşlady ýüregim garawul postun.
Ençe ýyllap göwün beren dostlamdan,
Belende saýlandyň gaýbana dostum.

Bellenen serhetden geçmäýin bu gün,
Birden synaýmasyn dostlygyň tary.
Görüp dursam kän bir wagtam geçmändir,
Men  saňa, sen maňa duşanyň bäri.

2

Men saňa sen maňa duşanyň bäri,
Dört gezek aýlapdyr pasyllar çarhyn.
Duýdurypdyr, duýdurypdyr dört gezek,
Bilmändirin şonda dostlygyň parhyn.

Indi welin iki golumy açyp,
Çagyrýaryn seni dostlyk dünýäme.
Seňem erkiň ygtyýaryň eliňde,
Öz islegiň bilen gelip bilýäňä.

Gel meniň dünýäme, gel meniň dostum,
Gara pikirlere göwnüňi berme.
Ganat bol bu garyp gamgyn bedenme,
Gel dostum indi bir eglenip durma.

Ganatymy gerip zemin üstüne,
Uçaýyn gök asman goýnuna sary.
Geň galyp baksynlar ýer şarlar bize,
Geň galyp baksynlar ýyldyzlaň bary.

3

Geň galyp baksynlar ýyldyzlaň bary,
Seniň aýdan dury ajap keşbiňe.
Gün nuryny ýedi esse köp saçsyn,
Melul bolup gözelligiň yşgyna.

Gözellige melul bolup giň jahan,
Süýt kimin lowurdap täze daň atsyn.
Daňyň çigregine saçlaryň ýaýyp,
Gözleriňi aç sen gaýbana dostum.

Syl ýüzüňe günüň tylla nurlaryn,
Ol seniň görküňe ýene görk goşar.
Daglardan abanyp gelýän bulutlar,
Jemalyňy görüp yzyna süýşer.

Yza süýşüp giň ýol açar asmandan,
Gaýyp geçer altyn perli durnalar.
Ine onsaň gara girdaba çümen,
Pikirlerim birazajyk durlanar.

4

Pikirlerim birazajyk durlanar,
Saňa ilki duşan günümi ýatlap.
Öň saňa aýtmadyk indi aýtmajak,
Syrly sözlerimi içimde saklap.

Saňa eziz dostum diýip bilmedim,
Bular ýygralygyň oýny ekeni.
Şu güne çen daşdan guwanyp gezdim,
Beýle täsin dostluk boljak ekeni.

Kim bilýär bu dostluk uzakmy gysga,
Şu sorag ýüregme ok bolup çümýär.
Özgelere gülüp bakan pursatyň,
Kiçijik bedenim ot bolup ýanýar.

Goşgym bilen seniň tarypyň edýän,
Goşgy ýazmak indi bolupdyr kesbim.
Ýazan setirlermi okan mahalyň,
Çalaja ýylgyrgyn gaýbana dostum.

Sen ýylgyrsaň älem-jahan gülleýär,
Sen ýylgyrsaň galamym hem gülleýär.
Güllere guwanyp täze daň atsyn,
Meni unutmagyn gaýbana dostum.

5

Çala ýylgyrsana mähriban dostum,
Ýylgyşyň ýatladýar täsin aýdymy.
Käte il-ulusdan çete saýlanyp,
Gaýtalaýan güle meňzeş adyňy.

Seň adyňy, seniň gözel adyňy,
Saýlap dakan enäň adyna gurban.
Seni şu ýerlere getiren ýoluň,
Her oty, her çöpi, daşyna gurban.

Şeýle täsin güli döredýänler siz,
Ömrüňize gurban mähriban ene.
Şeýle şugla saçýan täsin gülleri,
Getiriň jahana getiriň ýene.

Dostum, eziz dostum, gaýbana dostum,
Ýalan ýokdyr diňle meniň sözümi.
Gökden inen gar deý erkin edebiň,
Has hem nurlandyrýar mährem ýüzüňi.

6

Has hem nurlandyrýar mährem ýüzüňi,
Tolkun atyp duran tylla saçlaryň.
Her taryna bir ömrümi bererin,
Ömür ýodasyny bezän saçlaryň.

Öte geçen bolsam bagyşla meni,
Muny elim dälde ýüregim ýazdy.
Şu mahal duýgulam seniň dünýäňde,
Sözlerini saçyp erkana gezdi.

Ok deýin şu geçen ýalňyz ömrümde,
Şular ýaly erkin duýmandym özüm.
Tüm basan dünýämi ýagtyldyp gitdi,
Seniň güle meňzeş dürdäne sözüň.

Egnimi diredim garypja köşgüň,
Tozan basyp giden girelgesine.
Pikrim bilen gitdim seni duşuran,
Ykbalyň şol täsin duralgasyna.

Ilki günler, ilki talyp günlermiz,
Nätanyşdyk, diňe salamlaşypdyk.
Soňra aý-günleriň gujagna düşüp,
Ýönekeý saý-sebäp bilen tanyşdyk.

Ýatsam tursam pikir etmändim asyl,
Ýüregimde ornuň uly ekeni.
Gapyl gözlerimi gijiräk açdy,
Bu ýollaryň gülleriniň tikeni.

Bagyşla ýene-de öteräk geçdim,
Nädeýin azalýar senli günlerim.
Uçarsyň gidersiň uzak ýerlere,
Tümlüge bürener sensiz günlerim.

Utanjaňlyk ýolum baglany üçin,
Durmuşda ýitirdim köp zady dostum.
Indi göýbermäýin şeýle hatany,
Ýagdaýyma düşün mähriban dostum.

7

Ýagdaýyma düşün mähriban dostum,
Başymdan geçirdim ençeme gyşym.
Indi bu durmuşda ýalňyz maksadym,
Seniň baş saglygyň, ýeke ýylgyrşyň.

Eger-de ak bagtyň gujagna düşüp,
Gül bilen doldursaň asman astyny.
Şonda bir bägüli eliňe alyp,
Ýylgyryp ýatlagyn eziz dostuňy.

Dünýe uka batdy, gijäň ýarymy,
Diňe biri otyr, ol hem seň dostuň.
Gije-gündiz aýyň arzuwyn edip,
Arzuwy paşmadyk seň ýalňyz dostuň.

## SÖÝGIŇIZI SÖZDEN GORAŇ

Söýgiňizi gözden goraň,
Özge gözler bakaýmasyn.
Iki gülüň arasynda,
Demir tiken çykaýmasyn.
Çakaýmasyn ýyldyrym deý,
Bulut bolup üstüňizde.
Ýada busurlyp ýatandyr,
Ýylan bolup astyňyzda.
Şonuň üçin söýgiňizde,
Elmydama perde boluň.
Parhy ýokdur haýsy ýurtda,
Ýada haýsy ýerde boluň.
Soýgiňizi ýüregňizden,
Daşlaşdyrmaň ýeke ädim.
Çünki söýgiň güýji bilen,
Adam bolýar eziz adam.

Söýgiňizi sözden goraň,
Töhmet ömri kül edýändir.
Ýanyp duran dideleri,
Söndürýändir, sowadýandyr.
Bir ojagy oda berse,
Beýlekisin sil edýändir.
Şonuň üçin söýgiňizde,
Boluň mydam demir gala.
Şol galanyň diwaryny,
Görüp gaçsyn geljek bela.

Ekiň söýgiň tohumyny,
On däl, ýüz däl, müňüsini.
Berkemänkä çözjek boluň,
Öýke-kinäň daňysyny.
Agzybir bolsaň elmydam,
Gözem, sözem daşda galar.
Ýamanlyklar ýere gider,
Beýik söýgi göge galar.
Şonuň üçin uklaňda-da,
Söýgini gorap ýatmaly.
Ot-ýalyndan, suwdan ötüp,
Çyn söýgä şeýdip ýetmeli.

## YKBALYMMY SEN

Alnymda aý bolup dogan eý gözel,
Ýaşaýşym, durmuşym, ykbalymmy sen.
Ýüregimi weýran eden dünýäde,
Şatlygym hasratym, ahwalymmy sen.

Ýitirdim keşbiňi, gözledim garda,
Akja guşa dönüp uçduňmy ýa-da,
Ýada uzap ýatan aýsyz sährada,
Menzili görkezjek ak ýolummy sen.

Alyslara gitdim, bilmedim gitmän,
Gözledim derdime em etjek lukman,
Aýly gijelerde gözümi gyrpman,
Ýazan goşgularym, yhlasymmy sen.

Söýgiň gämisini suwa gark edip,
Gitdiň meniň durmuşymy terk edip,
Erkin alýan demim indi sanadyp,
Soňky duralgammy, ajalymmy sen.

## KÖPRI GURÝAN

Köpri gurýan goşgym bilen, beýik söýgiň köprisini,
Gel aşyklar oň üstünden, paý-pyýada geçip gidiň.
Köpri gurýan goşgym bilen söýgi deňziniň üstünden,
Eý aşyklar şol kenardan söýgiň suwun içip gidiň.

Köpri guýan goşgym bilen, ýalňyzlygyň köprisini,
Eý adamlar münmäň oňa, diňe görüp pikir ediň.
Ak-garadan ýeke gezek söýýän sözün aýdan bolsaň,
Özüňize bagtly diýip, şu günňize şükür ediň.

Köpri gurýan goşgym bilen, agzybirlik köprisini,
Gel adamlar bu köpriden gol tutuşyp geçip gidiň.
Birmahalky öýkeleri, unudyň siz şuň üstünde,
Çözülmedik düwünleriň çiginlerni açyp gidiň.

Gidýän kä-te Köpetdaga, çykýan beýik gerişlere,
Gaýalara bagrym berip, watanymy synlap durýan.
Ilim rahat ýatyp turýar topragymyň  gujagynda,
Şonuň üçin goşgym bilen bagt diýlen köpri gurýan.

## ÝAŞAÝYN

Ýöreýşiňi undup bilmerin dünýäm,
Her ädimňe gyzyl güller düşäýin.
Şol gülleriň gujagyna berilip,
Seň ugruňda mežnun bolup ýaşaýyn.

Al-elwan gülleriň dirilik ysy,
Säginmän geçirmez, ýandan her kesi,
Sen aşyk sähramyň magşuk Zöhresi,
Menem aşyk Tahyr bolup ýaşaýyn.

Nurana aý dogdy, görýäňmi senem,
Düşüpdir şöhlesi ýoluňa seniň,
Mekanyň çarbagy, özüň Şasenem,
Menem aşyk Garyp bolup ýaşaýyn.

Bu günlerem geçer, galar ýyllarda,
Keşbiňi görerin terje güllerde,
Galamymy alyp sähra çöllerde,
Bir diwana şahyr bolup ýaşaýyn.

# YKBALYM

Durmuşyň çarkandak ýolundan gitdim,
Şu ýollary peşgeş beren ykbalym.
Hem yssy hem sowuk günlerden ötdüm,
Şu günleri peşgeş beren ykbalym.

Saýlap dursyň ak-garany geçirip,
Ýagyrnymdan atdyň daşa gaçyryp,
Söýginiň mukaddes suwun içirip,
Soňra teşnelikde goýan ykbalym.

Kä-te oýun etdiň, kä-te çyn etdiň,
Durmuşyň girdaply ýoluna atdyň,
Gaflat ukusynda oýanman ýatdyň,
Indi wagt boldy oýan ykbalym.

Oýandym, ýapyşdym kagyz galama,
Gözlemedim sözi, geldi dilime,
Heniz ýigit wagtym juwan halyma,
Meni şahyr edip goýan ykbalym.

***

Göwnüm gussa batdy, boýum peseldi,
Gitdim synlap sähraň sarylygyny.
Göge bakyp pikrim bilen ölçedim,
Asman bilen zemin aralygyny.

Dumanly daglara dyrmaşyp çykdym,
Olam gülüp bakdy gaşyn çytmady.
Gollarymy giň asmana uzatdym,
Wah ýöne hasapdan başym çykmady.

Dolandym yzyma lapykeç halda,
Ýene synlap sähraň sarylygyny.
Kän ökündim ölçäp bilmän gaýdanma,
Asman bilen zemin aralygyny.

Ýene bir gün hoş habara şatlanyp,
Gara başym gök asmana diredi.
Şol pursatda göwnüm al-asman bilen,
Mele ýeriň aralygny sorady.

Görsene duýgulaň edýän oýnuny,
Gussa batsam boýum peselip galýar.
Sähel söze göwnüm heýjana gelse,
Başym göge galyp ýyldyza degýär.

Kä-mahal asmanam golaýda ýaly,
Käte-de daglaňam ýetenok goly.
Pikir edýän ynha şu zatlar hakda,
Asman ýakyndamy ýada uzakda.

## GÖZLEDIM SENI

Zemin ýaşyl donun egnine geýip,
Ýyly gujagynda üwredi meni.
Alyslardan gelýän mähriňi duýup,
Bu gün gara gözlim gözledim seni.

Azaşdyrdy ýollaň apy tupany,
Gezdim aňzak ýele kesdirip teni.
Sowuk şemallara gerip ýakamy,
Bu gün gara gözlim gözledim seni.

Ine ýetip geldim belent daglara,
Eşdildi bir ýerden zeminiň ýaňy.
Oturdym dünýämi berip sazlara,
Gülüm şol sazlardan gözledim seni.

Meni dünýä beren bu mele toprak,
Amanadyn alsa günleň bir güni.
Şonda giň asmandan ýere seredip,
Ýagşy umyt bilen gözlärin seni.

## ÝOLLARYMMY SEN

Saba säher güller bolup açylan,
Güneş bolup mährinden nur içiren,
Süýt asmanda merjen bolup seçilen,
Ýyldyzlardan dörän ýollarymmy sen.

Gitsem giň jahanyň ýolundan ýöräp,
Ugrumy ýitirsem tapmasam sorap,
Elwan şapak bolup ýoluma garap,
Ýalňyz hemram sag-u-sollarymmy sen.

Dünýäň sallançagnyň bagy eliňde,
Bugarar kyrkçilläň gary demiňde,
Durun durmuş kalendarnyň öňünde,
Ömrümiň iň gözel ýyllarymy sen.

Ýedi dagdan inen, dirilik suw sen,
Aýdan ganat kakyp gelen ak guw sen,
Wolga derýasynyň üstünden öwsen,
Şirin saz mysaly ýellerimmi sen.

Alys menzillerden ýoluňa garap,
Ýazýan şemallardan halyňy sorap,
Belki ýazmagyma bolansyň sebäp,
Şirin zyban saýrak dillerimmi sen.

## ÝEGENLER

Işden ýadap gelersiň,
Gün ýaşara gelende.
Ylgap öňüňden çykar,
Jigiler hem ýegenler.

Aýagyňdan gujaklap,
Ýöremäge maý bermez.
Süýji-köke bermeseň,
Bir ädimem göýbermez.

Asla günüňe goýmaz,
Enejan hem Ahmetjik.
Zat bilen sypyp bolsa,
Köke dagy nämejik.

Asyl ýegen diýeniň,
Daýy bilen ýegendir.
Saçymy bir göýberiň,
Wah garagol ýegenler.

Ýadowlygňy bilmezler,
At ederler, ýa motor.
Biri burnuňdan tutsa,
Biri gulakdan tutar.

Şeýdip ýegenler bilen,
Geçirersiň günüňi.
Düýşüňde-de at bolup,
Atyrarsyň daňyňy.

Kä-te şeýle-de bolýar,
Gelen wagty ýegenler.
Ýene-de gelip duruň,
Ah garagol ýegenler.

## GOŞGYM

Pyntyk açan eziz goşgym,
Aýdym bolup aýdylmadyň.
Orta çykdyň, söz sözlediň,
Wah bardyram öýdülmediň.

Gitmediň sen şem deý eräp,
Gaýta köräp-köräp ýandyň.
Köşeşdiren tapylmady,
Özüň aglap özüň diňdiň.

Saňa gara gözlerimiň,
Ýanyp duran nurun berdim.
Howandarym saýyp saňa,
Ýüregimiň törün berdim.

Gözlerimi rahat ýumup,
Gidemde nagra çekersiň.
Ine onsaň goşa dagyň,
Göwsüni ýaryp çykarsyň.

Şondan soňra seň öňüňi,
Hiç bir diwar bekläp bilmez.
Her öňýeten öňe çykyp,
Seň ýoluňy saklap bilmez.

Aýlar geçer, ýyllar geçer,
Güneş dagdan arka gider.
Ine onsoň her bir ynsan,
Seni okap uka gider.

## DAŞ EÝLE

Köňlüň saýlap bilsin halal-haramy,
Gözleriň saýgarsyn agy-garany,
Ynsan ýüregine düşen ýarany,
Ezýet berip duzlamakdan daş eýle.

Özgäň kölgesinde ýaýnamak üçin,
Haramdan geleni çeýnemek üçin,
Ili çürkäp özüň baýnamak üçin,
Galat sözi sözlemekden daş eýle.

Güýz geler sary yz goýup kükrekde,
Durnalaryň keşbi galar ýaprakda,
Iliň gargyşyna galan toprakda,
Goş ýazdyryp ýazlamakdan daş eýle.

Demikdirip öldür nebsiň yşgyny,
Egniňi däl beze köňül köşgüňi,
Galat ylham bilen galat goşgyny,
Ýer agdaryp gözlemekden daş eýle.

## GÜNEŞIŇ BATAN ÝERINDE

Güýz günleri süýt asmanyň,
Gaşyny çytan ýerinde.
Bir uzak geçmişim galdy,
Güneşiň batan ýerinde.

Ýagty bilen garaňkynyň,
Öpüşýän giň serhedinde.
Batyp barýan sary güneş,
Ýatladyp dur ädimimde.

Wada etdik şol serhetde,
Gurmak hakda bagtly durmuş.
Bu gün bolsa ol arzuwlar,
Tozan bolup göge galmyş.

Aýak dälde ýürek bilen,
Günbatara gidip barýan.
Sary güneş sessiz üýnsüz,
Gara ýere batyp barýar.

Bir gamgyn mukam çalynýar,
Arzuwlaň ýatan ýerinde.
Agyr geçmişim görünýär,
Güneşiň batan ýerinde.

# GÖWÜN ÝODASY

1

Ýene-de güýz geldi gussasy bilen,
Peselipdir bu zeminiň şowhuny.
Has agras duýgular, nepis duýgular,
Göýä gelip gaplan ýaly herkimi.

Güýz gelýär ýapraklar ýagýar gar bolup,
Düşýän, bu hem tebigatyň kadasy.
Dünýäň gujagynda uzalyp ýatyr,
Maňa ömür beren göwün ýodasy.

Şu ýoda-da ýatyr, niçe ahmyrym,
Bilýän, bulaň bary meniň ýalňyşym.
Sil deý akyp barýan wagtyň demine,
Gaýyp düşdi, söýgi, okuw, durmuşym.

Söýgi, okuw, durmuş, hersi bir ýerden,
Hopba boldy berkemedik gerşime.
Ellerini maňlaýyna ýetirip,
Geň galdylar meniň bolup durşuma.

Ýene garşyladym ak okuw jaýyn,
Şol ýerde-de duşdy gökdäki aýym.

2

Şol ýerde-de duşdy gökdäki aýym,
Okuw söýgi bilen dowam edip dur.
Başymy galdyrman kitaba bakýan,
Ol ýerde-de aýym şugla saçyp dur.

Bagt söýgi bilen garylyp geldi,
Bilemok uçýanmy ýada ýöreýän.
Ýöne säher çagy dogýan gün bilen,
Seniň hoşroý jemalyňa garaýan.

Gül keşbiňe alyslardan guwanyp,
Ýalňyz göwnüm bilen gürleşip gezdim.
Okuwa degişli ähli depderme,
Seň gözel adyňy gaýtalap ýazdym.

Şemal baglaň başlaryny yralap,
Güýz geldi, durnalar asmana galdy.
Ussadyň sazyna çalymdaş durmuş,
Pikir edişimden gazaply geldi.

Çep elimde kagyz, sagymda galam,
Ýüzbe-ýüz otyryn giň durmuş bilen.

3

Ýüzbe-ýüz otyryn giň durmuş bilen,
Giň köçe, beýik bag, tanyş adamlar.
Köneje köwşümi aýaga geýip,
Söýgä tarap basylan şol ädimler.

Ýörelen ýollaryň çaňy-tozany,
Esger deý düzülip duran agaçlar.
Çyralar öçüpdir, ýapyk penjire,
Garamtyl tüssäni çykarýar peçler.

Käbir jaýdan çykýar çaganyň sesi,
Kä jaýda-da hüwdi aýdýar eneler.
Ine şu zatlaryň şaýady bolup,
Geçip giden kerwen deýin seneler.

Bu zatlaryň bary meniň durmuşym,
Göýä geçip barýan kino lentasy.
Göz öňümde bolsa söýgüli ýaryň,
Şugla saçýan kümüş aý dek ýagtysy.

Durmuş söýgi bilen aýdyma dönýär,
Ýürekde gaýmak deý goşgular önýär.

4

Ýürekde gaýmak deý goşgular önýär,
Adam ýürek bilen söýen mahaly.
Göwün ýodasynyň ak sährasynda,
Gül açypdyr, söýgimiziň nahaly.

Uzap ýatyr göz öňümde giň meýdan,
Gyrymsy ýylgynlar, sazak selinler.
Otly kerweni deý düzülip barýar,
Söýgiň gaýmagyna ýugrulan günler.

Tebigat söýgiden alypdyr paýyn,
Asman ýere sary ýylgyryp bakýar.
Öň meni söýmedik, indi söýmejek,
Söýgüli gözelim ýygrylyp bakýar.

Meň söýgimi inkär eden gözeli,
Özge gözellerden belentde goýdum.
Sebäbini soradylar kän gezek,
Sebäbi, sebäbi, men ony söýdüm.

Gezip ýörüs girdabynda günleriň,
Juda az galypdyr talyp ýyllarym.

5

Juda az galypdyr talyp ýyllarym,
Eý hudaý, bu zatlar düýşümmi, huşum.
Azalypdyr geçen günleň şowhuny,
Çolaryp galypdyr, töwerek daşym.

Gülüň gunçasy dek söýgüli ýara,
Guwanýan günlerim juda azaldy.
Giň asmana durnalarny uçuryp,
Göwnümiň aramy sary güýz geldi.

Başlandy okuwyň iň soňky ýyly,
Şatlyk görýän hemmeleriň ýüzünde.
Diňe özüm gussa batyp otyryn,
Bu gojaman ýer şarynyň ýüzünde.

Zyýany ýok gülseň bolýar gözelim,
Çünki, çünki saňa gülmek ýaraşýar.
Seniň kibi göwniaçyk gözele,
Güller kibi gözel durmuş garaşýar.

Wagt geçýär bular döwrüň kadasy,
Garaşýar durmuşyň syrly ýodasy.

6

Garaşýar durmuşyň syrly ýodasy,
Ýarysy gündizdir, ýarysy gije.
Şu ýollardan ýörän wagtyň gözelim,
Eden arzuwlaryň çykmasyn puja.

Aglamasyn dideleriň hesretden,
Gussa bilen çalarmasyn saçlaryň.
Durmuşyň agramy egniňe düşse,
Ejizlikden egilmesin başlaryň.

Kim bilýär durmuşdyr näme boljagny,
Belki sen gidersiň gözlemden ýitip.
Çal saçly garryja ene bolaňda,
Gaýtalasaň meniň adymy tutup.

Şonda ýürek kapasasyn terk edip,
Ganat ýaýyp uçup gider asmana.
Bagtdan beýhuş bolup durşumy görüp,
Ajal dözmez meň tanapym kesmäge.

Saraldy, güýz geldi köpeldi gaýgym,
Aşygňy terk edip gitmegin söýgim.

7

Aşygňy terk edip gitmegin söýgim,
Gitmegin ýüregmi goýup közlere.
Galdyr didelerňi, bir pursat seret,
Seni söýüp melul bolan gözlere.

Seni söýüp şahyr bolan ýürege,
Ýylgyryp bak joşup ursun ýaň bilen.
Eger-de ýüregim uka gidäýse,
Güneş bolup şugla saçsyn daň bilen.

Säher çagy ýüze sylyp güneşi,
Syrdaş edin adamlaryň sadasyn.
Egerde ýoluňdan azaşsaň bir gün,
Yzarlap git ýagty göwün ýodasyn.

Şol ýol bilen ýöräp bagta ýetersiň,
Unudarsyň gaýgy-gussaň baryny.
Ýöne käte gussa bilen ýatlarsyň,
Seni jandan geçip söýen ýaryňy.

Ýyldyzlaň öňüni tutupdyr bulut,
Geçen günler galýar ýatlama bolup

8

Geçen günler galýar ýatlama bolup,
Nätjek şeýledir-dä döwrüň kadasy.
Çep elimde kagyz, sagymda galam,
Öňümde umman deý göwün ýodasy.

## EZIZOW

Käte seniň goşgularňa öýkündim,
Ony doga-tumar edip dakyndym,
Sen alysda ýöne bize ýakyndyň,
Ezizow...

Özüň gitdiň yzda goşgulaň galdy,
Adyň ýerde däl-de belende galdy,
Yzyňda şägirtleň ýetim dek galdy,
Ezizow...

Güýzler saňa umyt baglaýan ýaly,
Ýapraklar sen diýip galgaýan ýaly,
Durnalaram sensiz aglaýan ýaly,
Ezizow...

Sary güýzüň gujagynda aýňaldym,
Ýapraklary synlap bir dem oýlandym,
Goşgularňy okap dag dek beýgeldim,
Onuň Alyhezretleri Ezizow...

## DÜNÝÄM

Bu gün meň öňümde keserlip durduň,
Öz guluňdan näme ýamanlyk gördüň,
Ýalaw dek naýzaňy kebzämden urduň,
Ýene-de ur aryň köýmesin dünýäm.

Dyrmaşyp barýardym ýere gaçyrdyň,
Meni soňsuz synagyňdan geçirdiň,
Çeşmelerňe awy garyp içirdiň,
Ýene içir aryň köýmesin dünýäm.

Ellerimden gitdi ýalňyz syrdaşym,
Tümlüge bürendi töwerek daşym,
Ahyry öňüňde egildi başym,
Al başymy aryň köýmesin dünýäm.

Ilden artyk bolup ýüpek geýmedik,
Nebisi imandan öňde goýmadyk,
Bu älem-jahany synlap doýmadyk,
Gözümi oý aryň köýmesin dünýäm.

Sermeläp giderin ýoluň boýuny,
Meni ýykyp bilmez durmuş oýuny,
Toprakdan taparyn baky öýümi,
Ýyk öýümi aryň köýmesin dünýäm.

Saýrak dilim doňsa gara daş bolup,
Ajal dolap gitse janymy alyp,
Çawuraýan dowzah ýalyny bolup,
Ýak tenimi aryň köýmesin dünýäm.

Her näçe ýansamda daş dek duraryn,
Goşgyma gözümiň nurun bererin,
Poeziýanyň binasyny guraryn,
Başarsaň ýyk aryň köýmesin dünýäm.

## MELEGIM

Mydam ýanyp gezýän ýeriň üstünde,
Sen dälmidiň däli eden aslynda,
Sanýetmejek ýyldyzlaryň astynda,
Aýym ýeke sen ýeketäk melegim.

Belkide hemramsyň belki-de aýym,
Sözle ýumuşyňda durmaga taýyn,
Altyn nury bilen mährine çoýan,
Günüm ýeke sen ýeketäk melegim.

Gara toklulykdan çalaryp barýan,
Birmahallar ýazdym, güýzelip barýan,
Kükürtçöpleri deý azalyp barýan,
Ömrüm ýeke sen ýeketäk melegim.

## GÖWNÜŇE DEGDIM

Bu gün howaň ýüzi çytyk,
Ýyldyrymam çakýar ine.
Men guraýyn degäýdimdä,
Bir gözel gyzyň göwnüne.
Wah nädeýin gabanýadym,
Gysganýadym gysganypdym.
Degenimiň sebäbi hem,
Şu gezegem gysganypdym.
Indi bolsa seň öňüňde,
Durun ine ýere garap.
Etmişimi boýun alyp,
Galam bilen ötünç sorap.
Ýeke ýerde karar tapman,
Käte eýläk beýläk ýöräp,
Howwa seni gysganýadym,
Gysganypdym gysganardym.

Ine bu gün goşgy ýazýan,
Duýgularmy saňa açyp.
Bir menzilde saklananok,
Seret günler barýar geçip.
Şol günleriň yzy bilen,
Ýaşlygmyzam barýar geçip,
Howwa bizden ara açyp.

Bolýa indi gizlemäýin,
Duýgularňa baglandym men.
Ine, ine şonuň üçin,
Seni mydam gabandym men.
Gözleriňe baglandym men,
Sözleriňe baglandym men.
Şonuň üçin şemaldanam,
Aý-gündenem gabandym men.

Saňa birzat diýjek bolsam,
Aýtjak bolsam şu pursatda.
Gizlemäýin aýdaýyn men,
Gaýtalanmaz bu pursatlar.

Elmydama ýekediň sen,
Ýeketäkdiň meň göwnüme.
Şonuň üçin mähribanym,
Şu gün degdim seň göwnüňe.
Eger ýene degäýsemde,
Dogry düşünginiň maňa...

## SAKLANMAZ

Saklanmaz bu ömür ýel deýin geçer,
Buýra saçlaryňa sepip ak gary.
Iň soňunda agaç ata mündürer,
Şeýdip aýra salar ýar bilen ýary.

Saklanmaz bu ýerler bu beýik daglar,
Deňizler ummanlar ýerinden göçer.
Meni gujagynda gizlän hool baglar,
Bir gün töňňe bolup dünýäden geçer.

Saklanmaz aýdymlar saklanmaz sazlar,
Gaýgy-gussa baky durmaz başyňda.
Gussany söý şatlygy söý elmydam,
Heniz olar aýlanýarka daşyňda.

Saklanma, saklatma eý juwan ömrüm,
Äkit meni gojalygyň döwrüne.
Bük bilimi al gözümiň nuruny,
Belet boldum durmuş diýen öwrüme.

Saklanma eý dünýäm gidiber çapyp,
Myhman bolduk seniň bäş gün duzuňa.
Jadylanan gözleriňe seredip,
Bir döwür aldandyk seniň näziňe.

Isle saklan, isleseňem saklanma,
Halys aşa düşdüm seniň oýnuňdan.
Otursamam ýa gitsemem parhy ýok,
Seniň gül bürenen näzik goýnuňdan.

Ýaşlygymyň ýapragyny solduryp,
Geçip giden heňňamlaryň gurbany.
Şol heňňamda döwran galdy sürülmän,
Adym sürsün sürülmedik döwrany.

***

Şu ýalňyz galamy syrdaş edinip,
Geçirdim ömrümiň gözel ýyllaryn.
Indi tozan basyp saralyp ýatyr,
Ýörelen hem ýörelmedik ýollarym.

Elwan güller, ýaşyl sähra, al şapak,
Gara şemal gyzyl oduň ýalkymy.
Bulaň bary meniň geçen durmuşym,
Şu durmuşa berdim ähli erkimi.

Mahmal şemal sypanynda başymy,
Läliksiräp arkanlygna gaýtmadym.
Il-günüň derdini des-deň göterdim,
Şolarsyz ýaşaýyş bardyr öýtmedim.

Bilýän gökden inen perişde däl men,
Eden günäm bu gün-erte ýuwulmaz.
Günleriň bir güni gözüm ýumulsa,
Belki özgeleriň gözi süzülmez.

Birmahal bedenim topraga girse,
Adym tozum ýitip mazarym galar.
Tümlüge bürener zeminiň ýüzi,
Şonda ýalkym saçyp päk söýgim geler.

Dirilikde ýetip bilmedik söýgim,
Saçyn ýaýyp topragymy gujaklar.
Ýatlamada galan süýji günleri,
Gujaklarsyň çaga kimin guçup ýar.

2

Güýzüň agras howasyna berilip,
Ýatladym bir-birden ýaşlyk döwrümi.
Geçilen ak ýollar garaňky ýollar,
Meni şahyr eden durmuş öwrümi.

Ýatladym güýzleriň agras ýelini,
Seni arzuw edip gezen ýerlerim.
Kerwen deýin geçip barýar şyňňyrdap,
Däli derýa kimin joşan günlerim.

Maňa bakyp duran şol ýatlamalar,
Ýada salýar başy belent bir dagy.
Olar meň ömrümiň ýalňyz ömrümiň,
Çözülmedik sowalynyň jogaby.

Belki ýatlamanyň geregem ýokdur,
Unut geçmişiňi şu günde ýaşa.
Ýöne meni şu gün bilen ýaşadýan,
Ajap ýatlamalar siz uzak ýaşaň.

3

Ýene giň köçäni külterläp barýan,
Aýa bakyp zaryn uwlaşýar itler.
Meň bolşuma içgin-içgin bakýarlar,
Köçeden geçýänler, ýakynlar, ýatlar.

Alyslardan gelen yzgytsyz şemal,
Ýapraklary eýlä-beýlä bulaýar.
Şol şemal yzgytsyz elleri bilen,
Meniň göwün sallançagmy üwreýär.

Eý meni egninde göteren ýollar,
Eý meni egninde göteren dünýäm.
Terk edilip giden söýgiň ojagna,
Men bu gün ýene-de dolanyp gelýän.

Düşündim birzada senden aýrylyp,
Şu gün şonuň aýdylmaly günüdir.
Söýgi ýok diýýäris söýgüden ýanyp,
Şol sözi diýmegiň özem günädir.

Dänmerin söýgiden dänmerin asla,
Sakgalym çalaryp ýere ýetse-de.
Mukaddes söýgiden almaly paýyp,
Nesip etmese-de nesip etsede.

Nesip etmesede maňa şol söýgi,
Syrlygyna galar etmerin aýan.
Bu gün erte gözlerimden ýitersiň,
Şondan soňra saňa duşjagym güman.

Ýöne her gün säher ýere çyg düşüp,
Gün asmandan ýyly nurun seçende.
Ine şonda seň keşbiňi görerin,
San ýetmejek bägülleriň içinden.

Oturaryn ýaşyl sähra seredip,
Ýatlap seniň bilen geçen günleri.
Söz bilen tarypyn edip bolmajak,
Şol ýyllary şol talyplyk ýyllary.

4

Her döwür bir döwür bolaýjak ýaly,
Özgelere şeýle bolmagam ahmal.
Emma häp-häzirem şol köne döwür,
Ýiti nazar bilen gözlerme bakýar.

Tebigat dymyp dur gözlerme garap,
Ne gülýär, ne bolsa gelýär gahary.
Geçip barýar göz öňümden eglenmän,
Gysgajyk ömrümiň sary bahary.

Ömrümiň ýigrimi altynjy güýzi,
Bu gezek üýtgeşik geldiň dünýäme.
Alyp gitdiň meniň golumdan tutup,
Aýralygyň ezýetini duýmaga.

Sözlemäge söýgi hakda saz hakda,
Ylham berdiň sary duýgulaň bilen.
Aýralygyň kürtesine bürenen,
Şeýle eziz, näzik söýgüleň bilen.

Syrdaş bolup gezdiň ömürboýuma,
Köňlümde durnalaň suratyn çekip.
Aý geçip ornuny gyşa berende,
Garaşardym seniň ýoluňa bakyp.

Seň goýnuňda duşan ilkinji söýgim,
Bu gün alyslardan seredýär maňa.
Uzaklardan ganat ýaýyp geçende,
Durnalardan salam ýollaýan oňa.

Meni şahyr eden şol eziz söýgi,
Bu gün ýazýan goşgulamda tüteýär.
Gürlemek kaddyna ýeten galamym,
Her setirde ereýär hem gataýar.

5

Hoş baharym, meniň sary baharym,
Sanaýaryn seniň galan günüňi.
Söýgim daşda senem bolarsyň daşda,
Şonda neneň atyraryn daňymy.

Töweregmi gurşar tümlük ummany,
Tolkunlary bilen erkiňi alar.
Sähel ejizlige ýanyňy berseň,
Aýlap dolap seni girdaba salar.

Ýat däl maňa bu tümlügiň ummany,
Indi ençe ýyldyr göreşip ýörün.
Säher çagy parlap dogjak güneşe,
Uly umyt bilen garaşyp ýörün.

Göreşip ýörün hem garaşyp ýörün,
Parlap dogjak şol arzyly güneşe.
Durmuşyň çarkandak ýoluny böwsüp,
Söýgi bilen ýetilmeli ýeňişe.

Ömürboýy arzuw eden günümi,
Görmek nesibämde ýok bolsa eger.
Gynanmaryn, gyýylmaryn hiç mahal,
Çünki seni görmek bir ömre deger.

6

Bahar meýdany deý mahmal saçlaryň,
Umman deý, asman deý päkize gözüň.
Ýylylygy ýyldyz dagyn eredip,
Sowan bedenime jan beren sözüň.

Gelşip dur, gelşip dur her bir edeniň,
Edebiň-ekramyň, ýöreýşiň, gülşüň.
Kemsiz gözelligi men sende gördüm,
Bagtly men bu zatlar düýşüm däl huşum.

Ýetip bilmesemde bu täsin bagta,
Bagtly men bir pursat görenim üçin.
Ähli pikrim duýgym bilen berilip,
Seni durkum bilen söýenim üçin.

Gabananym üçin seni şemaldan,
Bu gün şemal menden ýüzüni sowýar.
Gabananym üçin seni asmandan,
Gara bulutlary üstüme kowýar.

Ähli zatdan seni gabanyp gezdim,
Gözden-dilden, elwan gülleň ysyndan.
Gabandym men seni ähli barlykdan,
Giň sähranyň ähli belent pesinden.

Aslynda gabanmak diýmek nämekän?
Ýada ol hem söýgiň bir ýodasymy.
Heniz ýazylmadyk söýgi kanunyň,
Berjaý edilmeli bir kadasymy.

Ýol uzaýar menzillerem uzaýar,
Yzda galýar duralgalar hatary.
Gözden ýitip barýan her bir duralga,
Eziz söýgiň mizemejek setiri.

Bu ýol hakykatyň bagryndan çykyp,
Göni hakykatyň ýüregne barýar.
Ýollar diňe öňe sary uzaýar,
Geçenlerden bolsa ýatlama galýar.

Ýatlamalar ýöne-möne geçmiş däl,
Ol geçmişde uzak taryh ýazyldy.
Agyryly günleň şatlykly günleň,
Hiç öçmejek kalendary düzüldi.

Ol geçmişde söýdürildi söýüldi,
Kä serhetden geçip, käte-de geçmän.
Söýgi bilen gurulmaly durmuşyň,
Kä donuny biçip, käte-de biçmän.

7

Durmuşda iň uly aýylganç ykbal,
Wagtdan ýeňilmek, bagtsyz galmak.
Şu iki synagdan baş alyp bilmän,
Olaň arasynda elewräp durmak.

Galam bilen wagtyň gözüne basyp,
Gazandym durmuşda iň uly bagty.
Ýetip bilmesemde onuň ýanyna,
Şol päkize söýgim salyp dur ýagty.

Şol ýagtynyň şöhlesini yzarlap,
Her ýürekde açsam söýgiň gapysyn.
Goý şondan soň ajal äkidibersin,
Çep gursakda duran söýgiň gutusyn.

8

Geçip barýar, geçip barýar seneler,
Ähli geçenleri goltugna salyp.
Menem şol geçmişe bakyp otyryn,
Ýeke ýalňyzlygy ýanyma alyp.

Ýalňyzlygyň penjesinden ýapyşyp,
Uçýan käte aýa, ýyldyza sary.
Şeýdibem ýenede aýda ýazylýar,
Ýerde ýazyp başlan goşgymyň ýary.

Maňa ömür beren goşgymyň bary,
Ýalňyzlygyň gujagynda ýazyldy.
Şeýdip meniň göwün atly asmanda,
Akmaýanyň ýagty ýoly düzüldi.

Meni barjak menzilime äkider,
Gözýetmeýän şu ýollaryň ýagtysy.
Ýykylan mahalym golumdan tutup,
Maňa ömür beren göwün ýodasy.

Meni şahyr eden eý ýalňyz ýoda,
Seniň bilen menzilime ýeterin.
Ýazylan sanalgym gysga bolsada,
Ruhum bilen turup dowam ederin.

Ine-de ak ýagyş ýagyp başlady,
Synladym aýnadan endigme görä.
Ýatladym geçeni ýatladym ýene,
Süýji ýatlamalaň bollugna görä.

Ýagyş bereketin eçildi köpräk,
Ýuwuldy sähranyň belendi pesi.
Heniz gyş günleri dowam etse-de,
Bir ýerlerden geldi güýzüň howasy.

Bir ýerlerden geldi agyr ýatlama,
Agramyna görä süýjüsi bilen.
Çalyşmaryn ony öz durmuşymda,
Boljak ýatlamalaň hijisi bilen.

9

Ynha bu goşgyny ýazyp başlanma,
Pasyl geçdi gyşyň holtumna düşdüm.
Ak donuny geýdi togalak zemin,
Şol garyň içinde tütäp dur yşgym.

Şol garyň içinde tütäp dur goşgym,
Her setirde bir taryh bar söýgüden.
Şol taryhyň perdesini sypyryp,
Saplandym daşymy gurşan gaýgydan.

Dikledim kaddymy ýöredim öňe,
Kuwwat alyp şol söýginiň ruhundan.
Alyslara gitdim gijäň bir çeni,
Daşlaşaýyn diýip dünýäň gohundan.

Daşlaşaýyn diýip dünýäň gohundan,
Öýden çykyp gitdim gijäň bir çeni.
Soňuna gözýetmez giň dünýä bilen,
Görnüp dur talyplyk ýyllarmyň soňy.

Talyplyk ýyllarym görkezdi maňa,
Ýollaryň dogrusyn, dürsün, egrisin.
Şoň bilen birlikde görkezdi ýene,
Dostlarmyň dogrusyn, dürsün, egrisin.

Ýöne käbir ýakyn saýyp ýörenim,
Gözlerme seredip hak dostum diýdi.
El berdim, deregne hanjar uzatdy,
Ol hanjar eli däl ýüregmi gyýdy.

Öwrendim bäş ýylda dünýäň gurluşyn,
Tanadym adamlaň ýamanyn gowsun.
Indiki ýörejek durmuş ýolumda,
Ykbal egrilere duşurmawersin.

Diňe ýagşylaryň golundan tutup,
Öz elimem ýagşylara uzatsam.
Galamymdan başga ähli baýlygmy,
Şol ynsanlaň ykbalyna ýaratsam.

Döretsem galamyň gudraty bilen,
Beýik söýgiň mizemejek ýodasyn.
Hem şu ýoldan paý pyýada ýöresem,
Syrdaş edip adamlaryň sadasyn.

Şu bäş ýylda gurup göwün ýodasyn,
Gözläp adamlaryň gowudan gowsun.
Käte ýalňyş basan bolsam şu ýolda,
Günälermi ýagyş-ýagmyrlar ýuwsun.

Ine bu gün tamam boldy ak mekdep,
Ýapyldy bäşýyllyk agyr sahypa.
Öňümizde bolsa ýaýylyp ýatyr,
Heniz ýazylmadyk agyr sahypa.

Bäş ýylda göýberlen her ýalňyşlyklar,
Düzediler şu geljekki kitapda.
Söz berýän, söz berýän söýgi sözleri,
Ýanar durar, ýanar durar her bapda...

## MAZMUNY

Esger ölmeýär... 3
Ýeňen barmy uruşda... 5
Bakylyk ody ýadygärliginiň öňünde 6
Ýer şaryny goralyň. 8
Watanym 10
Watan 11
Watançy ýigitler 12
Içeri işleriň weteranlary 13
Ene dilim 14
Watan 15
Türkmenistan rowaçlygyň watany 16
Bahar pasly gaýnap joşýar 17
Rowaç tapan şäherim 18
Ýaş şahyrlara ýüzlenme 19
Obam 20
Razy 21
Gözüm düşdi 22
Poeziýa sütüni 24
Men şu gün goşgy ýazmaly 33
Çykdym bu gün Aşgabadyň goýnuna... 34
Kärdeşler diňe haky sözläliň... 35
Degmäň sizi söýenleriň göwnüne 36
Gara gözli söýenim 38
Oýandymmy. 39
Saklan eý göwnüm saklan! 40
Çarwa gyza ýollaýaryn 43
Tur poeziýa wagt boldy 44
Aýak sesiňi. 46

Täleýim . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
Bir söz diý... . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48
Söýýän diýip alda meni.... . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49
Geçmäýin . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50
Seniň gözleriňde ýaşasym gelýär. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51
Käbäm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53
Ýyllarymda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54
Ýagyş ýagýar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55
Nirde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
Sen öwretdiň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 58
Ýaşa mensiz sag-salamat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
Ýürege ynan. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
Seniň üçin. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 62
Gaýbana dostum. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 63
Söýgiňizi sözden goraň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70
Ykbalymmy sen . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 72
Köpri gurýan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 73
Ýaşaýyn . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74
Ykbalym. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75
Gözledim seni . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Ýollarymmy sen. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 78
Ýegenler. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 79
Goşgym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 81
Daş eýle . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
Güneşiň batan ýerinde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 83
Göwün ýodasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 84
Ezizow . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
Dünýäm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 92
Melegim. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
Göwnüňe degdim. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94
Saklanmaz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 96